Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

METBUGAT — INTERNET GAZETI

# THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 10, 2021-nji ýylyň 29-njy iýuny

Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*



## TÜRKMEN-GYRGYZ GATNAŞYKLARY ROWAÇLANÝAR

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatsöýüjilige hem-de hoşniýetli gatnaşyklara esaslanýan daşary syýasaty we diplomatiýasy dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösmegine gönükdirilendir.Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň anyk netijeleri biziň ýurdumyzyň barha giňelýän halkara gatnaşyklarynda, şol sanda, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösüşinde öz beýanyny tapýar. Bu babatda Türkmenistanyň dostlukly hyzmatdaşlarynyň biri hem Gyrgyz Respublikasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çagyrmagy boýunça 2021-nji ýylyň 27-28-nji iýunynda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň Türkmenistana bolan resmi saparynyň barşynda dostluk we özara ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda döwletleriň Baştutanlarynyň strategik hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we ony mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaklary, bu ugurda taraplaryň möhüm resminamalara gol çekmekleri türkmen-gyrgyz gatnaşyklarynyň ösüşine täze badalga berdi.





Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda ýola goýuldy we geçen döwrüň içinde hyzmatdaşlygyň saldamly binýady döredildi.

Gözbaşyny taryhyň jümmişinden alyp gaýdýan türkmen-gyrgyz gatnaşyklary häzirki döwürde uly ösüş depginine eýe bolýar. Geçen taryhy döwrüň içinde türkmen tarapyndan birnäçe çäreler gyrgyz topragynda geçiridi. Mysal üçin, 2015-nji we 2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň Gyrgyz Respublikasyndaky ilçihanasy tarapyndan we ýurduň Medeniýet, syýahatçylyk we maglumat ministrliginiň goldamagynda birnäçe çäreleri guraldy. Döredijilik bäsleşigi ýaş suratkeşler, mekdep mugallymlary, sungat işgärleri we jemgiýetçilik guramalaryň

(Dowamy 2-nji sahypada)

*27-nji iýun — Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni*

*Medeniýet hepdeligi — 2021*

## MEDENIÝET — HALKLARY JEBISLEŞDIRÝÄN RUHY KÖPRI

***Mälim bolşy ýaly, 22-nji iýunda ýurdumyzyň Lebap welaýatynyň edara ediş merkezinde 2021-nji ýylyň — «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylymyzyň Medeniýet hepdeligi açyldy. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2013-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň dürli sebitlerinde geçirilýän bu möhüm ähmiýetli çäre bu gezek hem bir hepdeläp dowam edip, milli medeniýetiň köpöwüşginliligini, onuň döwletiň we jemgyýetiň ösüşindäki ornuny, ägirt uly parahatçylyk dörediji kuwwatyny görkezdi. Eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy hem-de ak mermerli türkmen paýtagtynyň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygy ýaly ajaýyp senelere gabat gelen bu giň gerimli Hepdelik özboluşly medeniýet baýramy bolup, şanly taryhymyza girdi. Däp bolşy ýaly, eziz Diýarymyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp guralýan Medeniýet hepdeligi nesilleriň ruhy arabaglanyşygynyň dowamatlylygyny ýene bir gezek bütin aýdyňlygy bilen görkezdi.***

Hormatly Prezidentimiz: «... döwlet, medeniýet we jemgyýet bir-biri bilen aýrylmaz baglydyr. Şoňa görä-de, medeniýeti ösdürmezden, döwleti we jemgyýeti ösdürip bilmeris» diýip, medeniýet ulgamynyň işine uly ähmiýet berýär. Şonuň üçin-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň bedew batly köpugurly ösüşlerinde, edil şonuň ýaly, ösüşleriň durnuklylygynyň gazanylmagynda medeniýet ulgamynyň paýyna uly orun degişlidir. Çünki şu gezekki Medeniýet hepdeliginiň we beýleki ähli Medeni çäreleriň aýdyň görkezilişi ýaly, medeniýet köpugurly ösüşleriň we ösüşleriň durnuklylygyny gazanmagyň ruhy çeşmesidir.

Gahryman Arkadagymyz: «Medeniýeti ösdürmek boýunça alyp barýan syýasatymyz dünýäde Türkmenistana bolan gyzyklanmany artdyrmaga we ýurdumyzyň abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga ýardam bermelidir» diýmek bilen, medeni diplomatiýa uly ähmiýet berýär. Medeni diplomatiýa, hakykatdan hem, ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da artdyrmaga ýardam edýär, onuň okgunly täzeçil ösüşiniň hereketlendirijisi bolup durýar. Ol döwlet Baştutanymyzyň ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň we ösüşiň bähbidine netijeli halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen daşary syýasy strategiýasyny, ynsanperwer halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmegiň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär. Halklaryň arasynda parahatçylygy we özara düşünişmegi wagyz etmek maksady bilen, medeni gymmatlyklary beýleki ýurtlara ýaýratmaga mümkinçilik berýän jemgyýetçilik instituty hökmünde medeni diplomatiýanyň wezipeleriniň umumymilli maksatlaryň durmuşa geçirilişinde has anyk ýüze çykýandygyny milli tejribämiz aýdyň görkezýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, milli Liderimiziň başlangyçlary bilen Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilýän dürli medeni çäreler, olaryň hatarynda medeniýet günleri, festiwallar, sergiler türkmen medeniýetini dünýä ýaýmakda hem-de dünýä medeniýetiniň gazananlary bilen has içgin tanyş bolmagymyzda oňyn netijelerini berýär. Iň esasy bolsa, döwletara gatnaşyklaryna uly ähmiýet berýän halklaryň kalbynda dost-doganlyk köprüsini berkidýär. Taryhy tejribä esaslanylyp aýdylsa, medeni hyzmatdaşlygy ileri tutan halklar parahatçylykda ýaşap, özara bähbitli söwda we ykdysady gatnaşyklary alyp barypdyrlar. Olar ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, edebiýatyň jadyly güýjünden peýdalanmagy başarypdyrlar. Hormatly Prezidentimiziň hem belleýşi ýaly, medeniýet — halkyň kalby, ruhunyň aýnasy. Şonuň üçin millete baha berlende, onuň medeni derejesi çelgi edinilýändir. Ýokary medeniýeti bolan halkyň durmuş derejesi-de ýokary bolýandyr. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda owazasy dünýä dolýan ajap eýýamymyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bilen köpugurly gatnaşyklary has-da ösdürmäge döwtalap ýurtlaryň barha artmagy hem halkymyzyň ýokary medeniýetliligini ykrar edýän ajaýyp mysallaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiz: «Türkmen medeniýetiniň dünýä medeniýetinde tutýan orny, ilkinji nobatda, onuň hiç bir halkyň medeniýetine meňzemäýänligi we özboluşlulygy bilen kesgitlenilýär» diýip belleýär. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň halkara giňişligindäki

(Dowamy 2-nji sahypada)

## Türkmenistan halkara media giňişliklerinde

### Euronews

*Euronews visited the seaside report city of Awaza in Turkmenistan, where a crucial summit has just been held on the future of the fast disappearing Aral Sea, which faces huge ecological and economic challenges as its shores have dramatically shrunk in recent years.*

*The Aral Sea was an endorheic lake-that is one with no outflow-lying between Kazakhstan in the north and Uzbekistan in the south. The name roughly translates as «Sea of Islands», referring to over 1,100 islands that had once dotted its waters.*

*The official part of the forum took place at the Awaza Convention Center.*

*The President of Turkmenistan, Gurbanguly Berdimuhamedow and the Prime Ministers of the other four countries held talks on the role and place of the region's economies in the global system of world economic relations, the potential for expanding interaction in the areas of the digital economy and special economic zones.*

### Мир 24

*Ашхабад может войти в сеть творческих городов ЮНЕСКО. Об этом говорили на онлайн-конференции с национальным секретариатом организации. Сейчас в престижном списке 246 городов из более чем 80 стран мира, рассказывает корреспондент «МИР 24» Андрей Еганов.*

*Туркменское ковроделие входит в число нематериальных ценностей ЮНЕСКО. В этом списке только уникальные народные ремесла, традиции, национальные музыка и танцы.*

*О сохранении ценностей Туркменистана говорили на онлайн-конференции. В частности, о включении Ашхабада в глобальную сеть креативных городов ЮНЕСКО. Она объединяет самые уникальные города мира. Обсудили и достижения народа, которые хотели бы видеть в списке всемирного наследия.*

# TÜRKMEN-GYRGYZ GATNAŞYKLARY ROWAÇLANÝAR

(Başlangyjy 1-nji sahypada)

wekilleri tarapyndan gyzgyn garşy alyndy, bu bolsa türkmen we gyrgyz halklarynyň arasyndaky dostluk köprüsiniň ýene bir alamaty boldy. Bu ugurda, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly şanly 20 ýyllyk toýunyň bellenen 2015-nji ýylynda «Индустриальный Кыргызстан» žurnalyny türkmen döwletiniň gazanýan üstünlikleri bilen tanyşdyrýan «Türkmenistanyň diplomatiýasy: ýurtlaryň bähbitleriniň we halkara hyzmatdaşlygynyň hyzmatynda» atly uly göwrümli makalasy we beýleki ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleri açyp görkezýän maglumatlary çap etdi.

Türkmen-gyrgyz gatnaşyklarynda ylym-bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyga hem aýratyn orun degişlidir. Biziň institutymyzyň mysalynda alnanda, Gyrgyz Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň K.Dikambaýew adyndaky Diplomatik akademiýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ähtnamamanyň çäklerinde halkara gatnaşyklary ulgamynda hünärmenleri taýýarlamak meseleleri boýunça tejribe paýlaşmak we ähmiýetli seneler bilen baglanyşykly duşuşyklar geçirmekde uly işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň professor-mugallymlary birnäçe gezek Gyrgyz Respublikasynda tejribe paýlaşmak maksady bilen iş saparynda boldular. 2020-nji ýylyň noýabrynda Halkara gatnaşyklary instituty bilen Gyrgyz Respublikasynyň K.Dikambaýew adyndaky Diplomatik akademiýasynyň arasynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygy mynasybetli «tegelek stol» maslahaty geçirildi we onuň barşynda ylym-bilim hem-de daşary syýasat ulgamy üçin hünärmenleri taýýarlamakda tejribe alyşmagyň ähmiýeti barada bellenilip geçildi.

2021-nji ýylyň 22-nji maýynda wideoaragatnaşyk arkaly Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Özara ynanyşmak we hyzmatdaşlyk: parahatçylygyň we ösüşiň strategiýasy» atly halkara maslahaty geçirildi. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan guralan bu onlaýn görnüşli foruma dünýäniň ençeme döwletleriniň daşary syýasat institutlarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Şol duşuşykda türkmen-gyrgyz gatnaşyklarynyň ähmiýetine, Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň sebit durnuklylygyny gazanmakdaky ornuna we Aşgabat şäheriniň parahatçylyk döredijì merkez hökmünde ykrar edilmegine bagyşlanyp, Gyrgyz Respublikasynyň DIM-niň K.Dikambaýew adyndaky Diplomatik akademiýasynyň kafedra müdirleri Ainur Jorabekowa we Guldana Alybaýewa çykyş etdiler. Bu mysallaryň ählisi soňky ýyllarda türkmen-gyrgyz ylym-bilim gatnaşyklarynyň depginli ösýänliginiň güwanamasy bolup çykyş edýär.

Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň ýurdumyza bolan şu gezekki resmi sapary hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň hukuk binýadyny has-da berkitdi. Şol şertnamalaryň arasynda ýurtlaryň arasynda ylym we bilim edaralarynyň ugry boýunça resminamalaryň hem bolmagy umumy taryhy, medeni gymmatlyklaryna eýe bolan iki doganlyk halklaryň gatnaşyklarynyň has-da ýakynlaşmagyna täsir etjekdigine berk ynanýarys.



***Merdan BERDINYÝAZOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy, institutyň halkara hyzmatdaşlygy boýunça hünärmeni.***

# MEDENIÝET — HALKLARY JEBISLEŞDIRÝÄN RUHY KÖPRI

(Başlangyjy 1-nji sahypada)

ynamdar hyzmatdaşy Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen gatnaşyklarynda aýdyň göz ýetirmek bolýar. Bu gurama bilen gatnaşyklary ösdürmek hormatly Prezidentimiziň halkara medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ulgamyndaky syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri bu abraýly guramanyň doly hukukly agzasydyr. Häzirki wagtda medeni ýadygärlikleri we tebigy gözelligi gorap saklamak boýunça halkara işlerde ilkinji derejeli orny eýeleýän, ählumumy gymmatlyklara we her bir halkyň mertebesine hormat goýmaga esaslanan açyk gatnaşyklar üçin şertleri döretmegiň üstünde işleýän bu gurama bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýetde ösdürilýär. Netijede bolsa, hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen halkymyzyň milli mirasyny gorap saklamak hem-de wagyz etmek işinde, ýurdumyzyň medeniýetiniň maddy binýadyny ösdürmekde uly netijeler gazanyldy. Türkmenistan Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak boýunça ÝUNESKO-nyň Konwensiýasyna goşulmak bilen, dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýan taryhy-medeni we tebigy gymmatlyklary geljekki nesillere ýetirmek üçin gorap saklamak babatda giň gerimli işleri yzygiderli alyp barýar. Ady agzalan konwensiýanyň çäklerinde medeni ýadygärliklerimizdir milli gymmatlyklarymyzyň birnäçesi ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň abraýly sanawyna girizildi.

Ýeri gelende bellàp geçsek, ýurdumyzda Medeniýet we sungat işgärleriniň güni bilen Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni hem bilelikde bellenilip geçilýär. Magtymguly Pyragy — umumadamzat derejesine göterilen milli şahyrdyr, beýik akyldardyr. Ýurdumyzyň medeni diplomatiýasy arkaly bu Beýik akyldaryň döredijiligi, umumadamzat gymmatlyklaryna öwrülen hoşniýetli goňşuçylyk, parahatçylyk ýaly çagyryşlary barha dünýä ýaýylýar.

Jemläp aýdanymyzda, medeniýet halk diplomatiýasynyň görnüşi bolup, döwletimiziň dünýä giňişliginde ählumumy oňyn özgertmeleriň başyny başlaýjy hökmünde ykrar edilmegi bilen baglylykda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ol ýurdumyzyň halkara abraýynyň berkemegine netijeli hyzmat edip, onuň ösmeginiň aýdyň subutnamasydyr, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň we ösüşiň bähbidine netijeli halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegi ugur edinýän Türkmen döwletiniň daşary syýasy strategiýasyny amala aşyrmagyň möhüm şertidir.

Türkmen medeniýetiniň we sungatynyň parahatçylyk döredijì güýjünden jümle-jahan gözelleşýär. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň medeni diplomatiýasy mundan beýläk-de üstünliklere beslensin! Ruhy we ykdysady ösüşimiziň hamyrmaýasyna hem yklymlary ýakynlaşdyrýan köprä öwrülen milli medeniýetimiz dünýäde dabaralansyn!



***Jemile PÜRJÄÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär.***

*Tanyşdyryş dabarasy*

# Çawy Ýewropa düşen kitap

2021-nji ýylyň 24-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiziň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynyň italýan dilinde çapdan çykan neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Onlaýn görnüşde geçirilen çärä daşary ýurtlaryň Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik missiýalarynyň, halkara guramalaryň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, professor-mugallymlarydyr talyplary, ýurdumyzdaky habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Şol sanda bu çärä Italiýa döwletinden hem wekiller wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly gatnaşyp, çykyş etdiler.

Tanyşdyryş dabarasyny Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory Jumamyrat Gurbangeldiýew giriş sözi bilen açyp, milli Liderimiziň bu täze neşiriniň ýurdumyzyň baý medeni mirasynyň dünýäde giňden wagyz edilmegine ýardam etjekdigine we türkmen-italýan dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga uly goşantdygyny belledi.

Tanyşdyryş dabarasynyň barşynda çykyş eden Italiýanyň Wiçensa şäheriniň häkimi Françesko Rukko, «Valvitaliya» kompaniýasynyň esaslandyryjysy,




Prezidenti Salwatore Rujjerini, Italiýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Luçiano Galli, L.E.G.O. s.p.a. neşirýat öýüniň Prezidenti Julio Oliwotto, Syýasat biliminiň taryhy boýunça professor Fabio Rujjeni bu täze kitabyň italýan okyjylaryna ajaýyp sowgat bolandygyny bellediler. Şeýle hem dabarada Aşgabat şäheriniň häkiminiň bilim, medeniýet, saglygy goraýyş we sport boýunça orunbasary Merjen Geldiýewanyň, Türkmen Döwlet maliýe institutynyň rektory Baýram Taňryberdiýewiň, «Dünýä edebiýaty» žurnalynyň baş redaktory Rahmet Gylyjowyň we beýleki çykyş edenleriň biragyzdan belleýişleri ýaly, çawy Ýewropa düşen bu kitabyň italýan dilinde neşir edilmegi döwletara gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna we ösdürilmegine ýardam berer.



***Aýmaral IŞANGULYÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

*Bäsleşikleriň jemi*

# Talyplarymyzyň üstünlikleri

Ýakynda Medeniýet we sungat işgärleriniň we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher Geňeşiniň we «türkmengazet.com» saýtynyň bilelikde guramagynda geçirilen «Meniň söhbetdeşim» atly bäsleşigiň jemi jemlenildi. Onda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary Seýli Aryşow, Aýsenem Ataýewa, Mähriban Hudaýgulyýewa, Jahan Öräýewa, Dilnoza Muhadowa, Sona Halykowa, Aýlar Atajykowa, Gyzlargül Annagurdowa, Ýulduz Babamuradowa, Gunça Hamedowa we Hatyja Döwletnazarowa dagylar baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Şeýle hem Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen okuw dersleri boýunça Döwlet bäsleşigine hem institutymyzyň talyplary işjeň gatnaşdylar. Iňlis dili dersi boýunça Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa hünäriniň 2-nji ýyl talyby Rahmet Soltanow, şol hünäriň 4-nji ýyl talyby Şageldi Çopanow, Halkara žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby Yhlas Atamyradow II orna, rus dili dersinden Halkara ykdysady gatnaşyklary hünäriniň 1-nji ýyl talyby Ogulbagt Ataýewa II orna, şol hünäriň 3-nji ýyl talyby Diýar Lomanow III orna, matematika dersinden Halkara ykdysady gatnaşyklary hünäriniň 3-nji ýyl talyby Akmyrat Tirkeşow II orna, ykdysadyýet dersinden Halkara ykdysady gatnaşyklary hünäriniň 4-nji ýyl talyby Leýli Annaberdiýewa III orna mynasyp boldular.



***Şasenem HAÝTBAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# BEÝIK ŞAHYRYMYZA GOÝLAN HALKARA SARPA

***2021-nji ýylyň 26-njy iýunynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Magtymguly Pyragy we türkmen halkynyň Garaşsyz döwletlilik taglymaty» atly halkara onlaýn maslahaty geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiliginiň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary we talyplary, köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň wekilleri, şeýle hem daşary ýurtlaryň halkara ylmy jemgyýetleriniň wekilleriniň 30-dan gowragy onlaýn görnüşinde gatnaşdy.***

Hormatly Prezidentimiziň iberen Gutlagy maslahata gatnaşanlarda uly ruhubelentlik döretdi. Maslahatda Azerbaýjan Respublikasynyň Baku döwlet uniwersitetiniň Türkologiýa kafedrasynyň doktoranty Aýnur Matlabkyzy, Fransiýanyň iki Ylymlar akademiýasynyň agzasy, Pariž Aziýa jemgyýetiniň Filosofiýa we jemgyýetçilik ylymlary institutynyň Syýasat fakultetiniň uly mugallymy, Rio de Janeýro federal uniwersitetiniň professory Mirlan Namatow, Hindistanyň Merkezi Aziýany öwreniş merkeziniň müdiri, Kaşmiriň Srinagar uniwersitetiniň Şeýh-ul-alam okuw merkeziniň başlygy G.N.Hakin, Koreýa Respublikasynyň Ykdysadyýet we Gündogar-Günbatar jemgyýetiniň (RIES) ylmy-gözleg institutynyň prezidenti Seong Ming Hong, we beýlekiler wideoaragatnaşyk arkaly çykyş edip, Magtymgyly Pyragynyň şygryýet äleminiň halklaryň arasyndaky dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde uly ähmiýete eýedigini bellediler.

Soňra maslahat bölümçelerde dowam etdirdi.

Halkara gatnaşyklary institutynda profesor-mugallymlaryň we talyplaryň gatnaşmagynda geçirilen halkara maslahatynyň

## *Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe bagyşlanan halkara maslahat*

üçünji bölümçesini instituty rektory Jumamyrat Gurbangeldiýew açyp, Magtymgulynyň özbaşdak döwlet baradaky gymmatly ündewleriniň, milli ýörelgeleriniň biziň şu günki bag-



tyýarlyk döwrümiziň döwlet syýasatynyň esaslaryny kemala getirýändigini belledi. Bölümçede çykyş edenler Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň ähmiýeti, onuň türkmen, türki we dünýä edebiýatyndaky orny, barada ylmy garaýyşlaryny beýan etdiler.

Halkara maslahatynyň umumy mejlisiniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimize Ýüzlenme kabul etdiler.



***Aýgül HALMYRADOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen redaksiýamyzyň habarçylarynyň onlaýn söhbetdeşligi

# «HINDISTANDA HYÝALYM»

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýokary derejedäki, öz hünärlerine ussat, milli ruhda terbiýelenen halkaraçy diplomatlary, hukukçylary, ykdysatçylary we žurnalistleri ýetişdirmek üçin uly işler alnyp barylýar. Eýýäm birnäçe wagtdan bäri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredowyň tabşyrygy we teklibi boýunça ýurdumyzyň hyzmatdaşlyk edýän döwletlerindäki Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileri bilen talyplaryň arasynda onlaýn okuw sapaklarynyň geçirilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Tejribeli ilçileriň diplomatiýa ugrundan berýän maslahatlary geljekki halkaraçy hünärmenler üçin örän peýdalydyr. «Ýaş diplomatyň sesi» gazetimiziň şu sanynda şeýle täsirli geçýän nobatdaky okuw sapaklarynyň birinde Türkmenistanyň Hindistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Şalar GELDINAZAROW bilen taýýarlan onlaýn söhbetdeşligimizi size ýetirmegi makul bildik.*

**— Salam, hormatly ilçi, Magtymguly şahyrymyz dürdäne goşgularynyň birinde «Hindistanda hyýalym» diýip geçipdir. Ilki bilen, institutymyzyň talyplaryna Sizi ilçilige, şahyrlaryň diliniň senasy bolan arzyly Hindistana alyp gelen durmuş ýoluňyz barada gysgaça gürrüň beräýseňiz?!**

— Men Türkmenistanyň daşary syýasat ulgamynda 2002-nji ýyldan bäri işleýärin. Bu ulgamda zähmet ýoluma Türkmenistanyň Owganystan Respublikasyndaky ilçihanasyndan başladym. Ol ýerde 7 ýyl işlänimden soň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň merkezi edarasynda ikinji sekretar, geňeşçi hemde bölüm başlygy bolup, 6 ýyla golaý zähmet çekdim. Ondan soň bolsa, hormatly Prezidentimiziň Karary bilen 2019-njy ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Hindistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellendim.

**— Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistan bilen Hindistan Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek barada öňde goýýan talaplarynyň durmuşa geçirilişi barada nämeler aýdyp bilersiňiz?!**

— Bilşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklarda öňde goýýan wezipeleriniň biri ýurdumyzyň beýleki dünýä döwletlerinden tapawutlanýan aýratynlyklaryna görä hereket etmegidir. Ilki bilen, biziň Bitaraplyk derejämiz bar. Bu dereje ýurdumyza birnäçe ýeňillikleri döretmek bilen bir wagtda, biziň üstümize enčeme jogapkärçilikleri hem ýükleýär. Bu çylşyrymly dünýäde, halkara gatnaşyklarynda ähliltaraplaýyn, ählumumy bähbitlere gönükdirilen başlangyçlar bilen çykyş etmek, olary işjeň durmuşa geçirmek, asudalygy we parahatçylygy wagyz etmek biziň esasy diplomatik wezipelerimiz bolup durýar. Bu wajyp işde Hindistanda ýaşap geçen Baýram han, Abdyrahman han ýaly beýik türkmen diplomatlarynyň geçen baý tejribeli durmuş ýollary biz üçin mekdepdir. Biz hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň çäginde kabul edilýän ýörite degişli rezolýusiýalary, esasanam, Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyly içinde gazanan ajaýyplyklarymyzy Hindistan ýaly gözel ýurtda wagyz etmäge uly ähmiýet berýäris.

Türkmen halkynyň taryhyny, häzirki bagtyýar ýaşaýşyny, röwşen geljegini dünýä ýaýmakda uly ähmiýeti bolan hormatly Prezidentimiziň dürdäne eserlerini hindi halkynyň aňyna we kalbyna ýetirmek ugrunda hem uly işleri alyp barýarys.



**— Häzirki wagtda, bilşimiz ýaly, bütin dünýäde pandemiýa, Covid-19 meselesi dowam edýär. Bu keseliň öňüni almak we ony ýok etmek babatda Türkmenistan bilen Hindistan Respublikasynyň alyp barýan hyzmatdaşlyk işleri dogrusynda gürrüň beräýseňiz?!**

— Bilşimiz ýaly, Hindistan Respublikasy dünýäde derman senagaty we saglygy goraýyş ulgamy boýunça ösen we öňdebaryjy döwletleriň biridir. Hut, şol sebäpli-de, biziň ýurdumyz Hindistan Respublikasy bilen bu meselede-de işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Hindistan Respublikasy Covid-19-a garşy waksinany taýýarlamakda, dermanlary öndürmekde hem öňdebaryjy ýurt bolup durýar. Bu ugurda saglygy goraýyş pudaklarynyň arasynda degişli işler geçirilýär. Ýöne, gynansak-da, häzirki wagtda Hindistanda bu babatda çylşyrymly ýagdaý dowam edýär. Hindistan Respublikasy koronawirus keseli bilen kesellänleriň sany boýunça dünýäde 2-nji orunda barýar. Muňa garamazdan, ýurtda Covid-19-a garşy işjeň göreşilýär we hyzmatdaşlyklar alnyp barylýar. Geçirilen halkara derejesindäki birnäçe geplesikleri muňa mysal hökmünde görkezip bolar.

**— Hormatly ilçi, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Size aňsat bolmadyk, diýseň jogapkärli we abraýly işiňizde mundan beýläk-de üstünlikleriň ýar bolmagyny arzuw edýäris.**



***Söhbetdeş bolan: Mähriban HUDAÝGULYÝEWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



# BMG-niň HALKARA GÜNLERI

## Bütindünýä bosgunlar güni



*Häzirki döwürde ýaşaýyş şertleriniň ýokary depginler bilen ösmegine garamazdan, dünýäde millionlarça adam bosgun bolup ýaşaýar. Elbetde, olara raýatlyk hukuklaryny gazanmak, abadan durmuşy üpjün etmek zamanamyzyň gaýragoýulmasyz meseleleriniň biridir.*

*Her ýyl 20-nji iýunda Bütindünýä bosgunlar güni bellenilýär. Bu sene öz ojagyndan aýrylan bosgunlaryň hukuklaryny goldamaga, olary hormatlamaga we hemaýat etmäge çagyryp, 2001-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda» konwensiýanyň 50 ýyllygyna bagyşlanyp kabul edildi. Bütindünýä bosgunlar güni bilen ugurdaş Bütindünýä bosgunlar hepdeligi hem raýatlygy bolmadyk adamlaryň, bosgunlaryň ýaşaýan ýerlerinde jemgyýetiň ünsüni çekmäge, olaryň diňlenilmegine, hemaýat edilmegine giň mümkinçilikler döredýär.*

*Türkmenistan hem bu babatda Birleşen Milletler Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Soňky 15 ýylyň dowamynda Türkmenistanda bosgunlara we raýatlygy bolmadyk adamlara raýatlyk berildi. 2017-nji ýylda kabul edilen «Bosgunlar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bosgunlar we olaryň durmuşy hakynda edilýän tagallalaryň aýdyň subutnamasydyr.*



***Rahym ŞAMEÝEW, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

## МЕЖДУНАРОДНЫЙ ДЕНЬ БОРЬБЫ С ЗЛОУПОТРЕБЛЕНИЕМ НАРКОТИЧЕСКИМИ СРЕДСТАВМИ И ИХ НЕЗАКОННЫМ ОБОРОТОМ

*Согласно резолюции, которая была принята 7 декабря 1987 года Генеральной Ассамблеей ООН, 26 июня было установлено Международным днем борьбы с злоупотреблением наркотическими средствами и их незаконным оборотом. Решение праздновать эту дату было принято на основе Международной конференции по борьбе со злоупотреблением наркотическими средствами и их незаконным оборотом, которая прошел в 1987 году.*



*Злоупотребление наркотическими средствами наносит огромный вред здоровью всего населения планеты и общественной безопасности, также ставит под угрозу устойчивое развитие стран. Но к сожалению, в нынешнее время наркоторговля является прибыльным бизнесом, который позволяет обогащаться на несчастье других.*

*Наркомания – тотальное поражение личности, к тому же, в подавляющем большинстве случаев сопровождающееся осложнениями со стороны физического здоровья. К негативным медицинским последствиям относятся: наличие ряда соматических заболеваний у пациентов, распространение ВИЧ-инфекции, вирусных гепатитов В и С, преждевременная смертность. К негативным социальным последствиям наркомании относятся: низкий процент трудовой занятости, высокая частота криминогенного поведения и судимостей, нарушения семейных связей. Каждый человек, который употребляет наркотические средства вовлекает собой еще 5-10 человек и это является главной угрозой для здоровья самого потребителя и общества*

*Борьба с незаконным оборотом наркотических средств и психотропных веществ стала важным направлением политики Туркменистана. Основываясь на международно-правовых документах, в нашей стране разработана национальная законодательная база в данной области. С целью своевременного реагирования и выработки адекватных ответных мер в нашей стране проводятся просветительские мероприятия и акции, направленные на осведомление населения, и прежде всего – молодежи, о вреде и последствиях употребления наркотиков и на пропаганду здорового образа жизни, чтобы еще раз напомнить человечеству, каким страшным недугом является наркомания.*



***Дильноза МУХАДОВА, студентка I курса факультета международной журналистики.***

**Hormatly Prezidentimiziň bilim syýasaty dabaralanýar**

# INSTITUTYŇ YKBALYNDA TÄZE DÖWÜR

## *Hoşallyk dabarasynyň öwüşginlikleri*

***Bu ýerde ozaldan gelýän şeýle adat bar. Her ýylyň 12-nji iýunynda – Ylymlar gününde bu şanly sene mynasybetli ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdeplerinde bolşy ýaly, Halkara gatnaşyklary institutynda hem ylmy maslahat görnüşinde dabara geçirmek öňden ýörelgä öwrülipdir. Emma şol gün welin, istitutyň uly mejlisler zalyna ýygnanan märeke garaşylanyndan has üýtgeşik dabaranyň – «Hoşallyk dabarasy» diýlip atlandyrylan ýene bir toýuň gözli şaýady boldular.***

***Eýsem, bu nämäniň hoşallyk dabarasy?!***

***Geliň, muňa göz ýetirmek üçin dabarany giriş sözi bilen açan institutyň rektory Jumamyrat GURBANGELDIÝEWIŇ öz çykyşynda aýdan sözlerine gulak goýalyň:***

— Hormatly adamlar, şu gün biziň üçin aýratyn baýram! Bu taryhy güniň Ylymlar güni bilen gabat gelip, goşa baýrama öwrülmeginde örän ullakan many bar – diýip, rektor turuwbaşdan goşa baýramçylygyň ruhunda sözläp başlady – Üns bersek, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebini esaslandyryjy hormatly Prezidentimiz mundan 13 ýyl ozal, has takygy, 2008-nji ýylyň 20-nji martynda hut öz başlangyjy, öz Permany bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyny döredip beripdi. Dek düýn bolsa, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri, hormatly Raşid Öwezgeldiýewiç Meredow öz hasabatynda Halkara gatnaşyklary institutynyň işini kämilleşdirmek baradaky tekliplerini hödürläninde, Gahryman Arkadagymyz ony goldap, bu babatda hem degişli resminamalary taýýarlamaklygy tabşyrdy. Bu nämäni aňladýar? Munuň özi institutymyzyň taryhynda ilkinji gezek 2021 — 2022-nji okuw ýylyndan başlap, öňküligine galýan okuw ulgamyndan daşary okatmagyň goşmaça bakalawr hem-de magistr ugurlaryna hem geçilmeginiň göz öňüne tutulýandygyny aňladýar. Institutyň gurluş düzümi hem kämilleşdirilip, geljekde onuň düzüminde ýene-de 3 sany täze birlikler hereket eder: ýaş diplomatlaryň mekdebi, strategik barlag-ylmy merkez, Sanly ulgam we kommunikasiýa bölümi dörediler...

...Soňky alty aýyň içinde žurnalist hökmünde maňa institutda köp özgertmelere gözli şaýat bolmak miýesser etdi. Bu ýerde ol özgertmeleri başgaça «Täze ugur» diýip hem atlandyrýarlar. Täze ugur esasynda okuw okatmagyň kreatiw usullaryny ornaşdyrmagyň barşynda bu ýerde geçen ýylyň sentýabryndan bäri radio studiýasy işläp ugrapdyr. Talyplar hepde boýunça alty topara bölünip, her topar günde üç wagtyna 20 minutlyk radiogepleşigi guraýarlar. Birnäçe ýyldan bäri çykarylman gelinýän «Ýaş diplomatyň sesi» gazeti hem täzeden neşir edilip başlanypdyr. Ýakynda bolsa redaksiýa düýpgöter täze Düzgünnama esasynda has täzeçe işläp ugrady. Institutda sanly bilim internet hyzmatyndan peýdalanmak indi talyplardan başlap, mugallymlara çenli hemmeleriň durmuşyna içgin girip ugrapdyr. Institutda ýörite enjam arkaly testi çalt almagyň täze usuly giňden ulanylýar. 2020-2021-nji okuw möwsümine giren birinji ýyl talyplary öňki talyplardan okuwa erjellikleri, ökdeligi, 3 dilde gürläp hem ýazyp bilmäge ezberligi taýdan düýpli tapawutlanýarlar. Umuman, bu ýerdäki özgertmeleri, täzelikleri sanasaň sogaby bar diýleni. Meýilnama esasynda 2021 — 2022-nji okuw ýylynda öňki okuw ulgamyndan daşary Halkara gatnaşyklary, Halkara ykdysadyýeti, Syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugurlary boýunça bakalawr ugruna, Sanly diplomatiýa, Halkara hukugy, Halkara jemagat hukugy ugurlary boýunça magistr ugurlaryna talyplary okuwa kabul etmegiň meýilleşdirilmegi institutyň durmuşy bilen baglanyşykly köp zatlardan, özboluşly täze ugur eýýamyndan habar berýärdi.

Şol dabarada maňa institutyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Begenç Karaýew bilen ýakynrak oturyp, bolup geçýän täzelikler babatda pikir alyşmak miýesser edipdi.

— Bu taryhy waka derejesindäki çözgüt öz gözbaşyny hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä ölçeglerine gabat getirmek, döwrebaplaşdyrmak babatdaky täze bilim syýasatyndan gözbaş alyp gaýdýar – diýip,



alym täzelikler barada öz pikirini paýlaşýardy – hormatly Prezidentimiz baryp 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň 1-nji sanynyň çykmagy mynasybetli çap etdiren çuň mazmunly makalasynda döwrebaplaşmagy, ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek üçin ýokary derejeli milli hünärmenleri ýetişdirmegi, aýratyn hem seljeriş-analitik işleri kämilleşdirmegi milli diplomatiýamyzyň esasy wezipeleri hökmünde öňde goýupdy. Döwlet Baştutanymyz 2020-nji ýylyň 23-nji dekabrynda, 2021-nji ýylyň 9-njy fewralynda sanly wideoaragatnaşyk arkaly geçiren iş maslahatynda bilim ugruny kämilleşdirmekde täze wezipeleri kesgitläp berdi. Biz täze çözgütde şol wezipeleriň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýandygynyň ýene bir aýdyň subutnamasyny görýäris.

Zalda söhbetleşip otyrkaň, halypa mugallymyň pikirleri bilen tüýs ýürekden ylalaşasyň gelýärdi.

### *Taryhdan bir parça*

Ýakynda «Ýaş diplomatyň sesi» internet gazetimiziň sahypasynda şu ýylyň 20-nji marty taryhy gün hökmünde bellenilip, bu senä tutuş bir sahypa bagyşlanyldy. Çünki bu senede institutyň döredilmegine 13 ýyl dolan eken.

Wagt geler, mahal-mahal bu gazetimiziň sahypasynda her ýylyň 11-nji iýuny hem taryhy güne bagyşlanan sene hökmünde bellenilip durlar. Bu güne şaýat bolan adamlardan interwýular alnar. Maglumatlar arhiw materiallaryndan gözleniler. Bu güne bagyşlanyp, ýörite sahypalar berler. Ýöne biz häzir taryhy çözgüt babatda üstünden kän gün geçmedik döwürde ýaşaýarys. Taryhy waka – aýratyn hem institutda bakalawrlyk ugrunyň açylmagy babatda şaýatlar bolsa daş-töweregimizde kän. Ine, meniň häzirki gürrüňdeşim hem şol şaýatlaryň biri – institutyň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň dekanynyň orunbasary, ýaňy 30-a ser urup ugran men diýen ýaşdaky Akmuhammet Jumagulyýewdir.

— Bakalawrlyk 4 ýyllyk okuw ulgamy bolup, bu derejäni alanlar hakyky ýokary bilimli hasaplanylýar. Bu ugurda diplom alanlar dünýäde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzyň hem degişli ulgamlarynda ýokary bilimli hünärmen hökmünde işläp bilýärler, emma bilimi kämilleşdirmek meselesinde welin, bökdençliklere uçrap gelýärdiler. Bakalawrlygy tamamlanlaryndan soňra ylym bilen meşgullanmagy isleýänler ýene 2 ýyllap magistratura diýlen ugurda okap bilýärler. Magistraturany gutaranlaryň derejesi hem bizde ylymlaryň kandidaty derejesine ugurdaş gelýär. Ine, şu magistratura ugry bilen biziň bilim ulgamymyzyň kadalarynyň gabatlaşmaýan ýerleri bar. Şoňa görä hem, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen bu ugurda dünýä ölçeglerine laýyk gelmegimiz üçin ýurdumyzda bu bakalawr-magistratura ulgamyna giňden geçilip başlandy.

— Aslynda, dünýäde haýsy döwürden baş-

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT



lanylyp, bakalawrlyk-magistraturalyk ulgamlaryna geçilip ugraldy? – diýip, men oňa taryhlaýyn ruhly sowal bilen ýüzlenýärin.

— Bu iş öz gözbaşyny, esasan, geçen asyryň ortalaryndan alyp gaýdýar- diýip, Akmuhammet taryhyň gulagyny şaňladyp ugraýar – Ilkibaşda, Ikinji jahan urşundan soň Ýewropanyň alty döwleti kömür we polat boýunça bileleşip, bir ülňä gelmek hakynda geňeş edýärler. Soňra şol asyryň 60-njy ýyllarynda 12 döwlet tarapyndan atom energiýasy boýunça bir ulgamda işlemek ideýasy oňlanylýar.

Soňra diňe bir ýa-da iki däl, eýsem köp ugurlar boýunça bileleşmek zerur diýen pikir ýörgünli boldy. Bu hem ahyrynda 1992-nji ýylda Ýewropa bileleşiginiň döremegine getirdi. Bu bileleşigiň bilim konsepsiýasynyň özeni Ýewropa bileleşiginiň çäklerinde serhediň ýoklugy baradaky ýörelgä esaslanýar. Ol ýörelge boýunça işgär işe alnanda, raýatlygyna däl-de, eýsem kompetensiýasyna seredilýär. Ine, şoňa görä-de, bilimi utgaşdyrmakda hem bir kada gelmek, bilim ugrunda dürli döwletleriň arasynda döräp duran bökdençlikleri aradan aýyrmak meselesi ileri goýlup, munuň soňy 1999-njy ýylda Ýewropa döwletleriniň 29-synyň bilim ulgamyny bir ülňä getirmek babada Bolon şertnamasyna gol çekişmegi bilen tamamlandy. Bolon Jarnamasy Ýewropa bileleşiginiň umumy bilim giňişligini döretdi. Bu ulgama Russiýa 2003-nji ýylda, Gazagystan 2010-njy ýyldan goşulyşdy. Biziň ýurdumyzda täze ulgama hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2018-nji ýyldan giňden geçilip başlandy. Şol ýyl ýurdumyzda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti bakalawr ulgamyna geçdi. Soňra bu ulgam Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, ondan soň Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda açylypdy. Ynha, indi bolsa biziň Halkara gatnaşyklary institutymyzda hem bu döwrebap bilim ulgamyna düýpli ugur alynýar.

### *Alkyş*

Maňa institutda giriziljek bolunýan täze bilim ugurlaryny mübärekleýän başga-da birnäçe mugallymlar bilen söhbetdeş bolmak miýesser etdi.

— Bilim ulgamyny kämilleşdirmekde täze ugurlaryň açylyp, institutymyzda mugallymlaryň we talyplaryň sanynyň artmagy, has takygy, tölegli esasda 45 talybyň okuwa alynjak bolunmagy ýokary okuw mekdebimize köp bähbitleri getirer – diýip, Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Baba Saryýew öz garaýyşlaryny aýdýar – Institutymyzda geçirilýän dürli okuw-terbiýeçilik işlerini guramakda has giň mümkinçilikler döräр. Şoňa görä-de, biziň täze çözgüde begenjimiziň çägi ýok.

Öňräk institutda Hoşlaşyk dabarasy geçirilipdi. Onda döşleri toý bagjykly uçurymlaryň, olaryň ene–atalarynyň buýsançly bakyşlaryny, professor-mugallymlara, aýratyn hem döwrebap bilim almaga giň mümkinçilikleri döredýän hormatly Prezidentimize aýdýan alkyş sözlerini eşitmek ýakymlydy. Hawa, institutda täze ugurlaryň açylmagynyň uly manysy bar. Maglumatlara görä, institut açylanyndan şu güne çenli ony 676 talyp tamamlan bolsa, şu ýyl hem 60 talyp uçyrym bolan bolsa, indi bu mukdar düýpli artar. Diýmek, ýene dört ýyldan instituty tamamlajak uçurymlaryň sany 40-dan gowrak artar. Olaryň Hoşalyk dabarasynda mugallymlara, hormatly Prezidentimize aýtjak hoşallyk sözleri bolsa has-da ruhubelent, has-da öwüşginli ýaňlanar. Olaryň ellerine alan diplomlary bolsa diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem dünýäniň islendik künjegine barlanylanda hem ulanylyp bilner.

Ine, onsoň, häzirki bagtyýarlyk döwrümiziň bu röwşen gününde, 29-njy iýun gününde ahyrky sözlemlerini ýazyp oturan makalamyzyň soňuny şeýle alkyş sözleri bilen jemläsiň gelýär:

— Goý, ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmek üçin taýsyz tagallalar edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli tutumly işleri has-da rowaç bolsun!

***Täçgeldi GUTLYÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy,***
***Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti.***







# HOŞ GAL, DIPLOMATIÝANYŇ MILLI MEKDEBI!

*Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuňy,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!*
*Ötürdim gyşyňy, nowruz-ýazyňy,*
*Gider boldum, hoş gal gözel Şirgazy!*

***Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň bu ajaýyp setirleri, megerem, ýokary okuw mekdebini tamamlan uçurymlaryň hakydasyna gelýändir. 2021-nji ýylyň 16-njy iýunynda bolsa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uçurymlarynyň baýramçylyk dabarasyna döşleri toý bagly gatnaşan ýaş talyplaryň kalbynda bu şahyrana jümleler «Hoş gal, gözel institutymyz» diýen ýaly röwüşde özboluşly ýaňlanan bolsa gerek. Çünki Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň wekilleri, ýokary okuw mekdebimiziň professor-mugallymlary, talyplary bilen birlikde, uçurym talyplaryň ene-atalary hem gatnaşan bu şatlykly gün ýokary okuw mekdebi bilen hoşlaşyp, täze bir ýola gadam basjak uçurym talyplar üçin ýatdan çykmajak günleriň biri boldy. Bu baýramçylyk dabarasynyň başynda Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory Jumamyrat Gurbangeldiýew gutlag sözi bilen eden çykyşynda: «Institut ilkinji gezek öz uçurymlaryny 2009-njy ýylda goýberip başlady. Şol günden bäri instituty 676 sany uçurym tamamlady. Şolaryň 76-sy tapawutlanan diploma mynasyp bolup, institutyň uçurymlarynyň 110 sanysy ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň ulgamyna işe ýollandy, başga-da köp bölegi hukuk goraýjy edaralaryna, Maliýe-ykdysady toplumda, Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetinde, şeýle hem beýleki habar beriş serişdeleriniň ulgamynda zähmet çekýärler. Ine, şu ýyl hem 60 sany uçurymymyz okuwy tamamlaýar. Olaryň 7 sanysy tapawutlanan diploma mynasyp boldular», diýip, belläp geçdi.***



***Dabaranyň dowamynda institutyň jemgyýetçilik-syýasy işlerine göreldeli gatnaşan we ýokary okuw mekdebini tapawutly bahalar bilen tamamlan talyplara institutyň Hormat hatlary we Kärdeşler arkalaşygynyň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy. Elbetde, biz hem «Ýaş diplomatyň sesi» gazetiniň döredijilik topary bolup, bu dabaranyň barşynda uçurymlarymyzyň, olaryň ene-atalarynyň ýürek joşgunlaryny size ýetirmegi makul bildik.***



***Ogulkeýik DURDYÝEWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň uçurymy.***

***Tapawutlanan diploma eýe bolmak bize-de miýesser etdi***

— Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi bolan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyny tapawutlanan diplom bilen tamamlamak bize-de miýesser etdi. Biz halkara žurnalistikasy hünärinde okandygymyza we geljekki halkaraçy žurnalistdigimize diýseň buýsanýarys we guwanýarys. Bizi bu gün ak ýola – hakyky durmuşa ugradýan institutymyz bilen bagly ýatlamalarymyz juda kän. Bize bilim-terbiýe beren mugallymlarymyza köp sagbolsun aýdýaryn. Nesip bolsa, alan bilimlerimizi geljekde durmuşa geçirip, professor-mugallymlarymyzyň adyny has-da belende götereris diýen tama bar. Şu ýerde şahyryň goşgy setirleri hakydama gelýär:

***Hiç bir käriň aňsady ýok jahanda,***
***Her pişäniň az bolsa-da kyny bar.***
***Emma dünýädäki ähli işgärleň,***
***Hökmany suratda mugallymy bar.***

Şeýle ajaýyp baýramçylyk bilen ähli uçurym talyp deňduşlarymy tüýs ýüregimden gutlaýaryn we olara uly üstünlikleri arzuw edýärin. Goý, ähli uçurymlaryň arzuwlary hasyl, ýollary açyk bolsun!

***Annabibi TÄJOWA, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň uçurymy Bägül Kerimowanyň ejesi.***

— Men Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň uçurymy Bägül Kerimowanyň ejesi Annabibi Täjowa. Gyzymyň ýokary okuw mekdebine gireni ýaňy ýalydy. 5 ýyl örän çalt geçdi. Şu 5 ýyly tolgunmalar, aladalar, begenç gözýaşlary gurşap aldy. Ynha, bu gün hem gyzym Bägüljanyň gutardyş uçurym dabarasyna gatnaşmak maňa miýesser etdi. Bu örän uly bagt. Elbetde, bu bagty bize sowgat eden, irginsiz zähmet çekip biziň çagalarymyza bilim beren professor-mugallymlara ähli ene-atalaryň adyndan çäksiz sagbolsun aýdýaryn. Çagalarymyz hem alan bilimleriniň esasynda öz hünärleriniň eýesi bolup, Watanymyzy, bizi guwandyrarlar diýip umyt edýärin. Şu günki gün bilen ähli uçurymlary olaryň ählisiniň ene-atalarynyň adyndan tüýs ýüregimden gutlaýaryn. Goý, elmydama üstünlik ýar bolsun!



***Jumamyrat GUTLYYEV, A graduate of the Faculty of International Economic Relations.***

***Teacher is a noble person***

Today is one of most glorious and exciting day of our life. Because we make our farewell to our student years that will never come back again.

Our ancestors judged the strength of the building by looking at its columns. As well as we might correlate this story with our student years. Because the deep knowledge which we have acquired during our student years is the column of our bright future, they are the foundation of our profession that ties our lives.

Today Turkmenistan has become a country of sciences. We can see and appreciate the level of education, upbringing, science and the profession level given in our country. This one is a proof again that we have obtained the deep knowledge at our institute. I am sincerely proud to have been educated for five years in our institute, which was opened in 2008 by the Decree of our esteemed President as well as I am very proud of the teachers who taught me and gave me good education at the institute.

During the student years, great opportunities have been created to learn, study and demonstrate our abilities and speak in mass media at the institute. İt was unforgettable event for me to be among the winners in scientific competition, which was held this year among the youth and to deserve worthy of trust and award of our esteemed President.

This success is the result of eduction given by the professors and teachers. This success is not just mine, but also the success of all students and professors. As a poet says «Teacher is a noble person and steady builder of the education, the students are the columns of that one . Teacher is a tree, the fruit of that tree is the future of students». I want to convince you that I will be a worthy student for my teachers.



***Бягуль КЕРИМОВА, выпускница факультета Международных отношений Института международных отношений МИД Туркменистана.***

***Студенческие годы – лучшие годы***

Сегодня заканчивается одна из самых лучших глав нашей жизни. Студенческие годы останутся одной из самых ярких и запоминающихся страниц для каждого из нас. Пять лет назад, торжественно войдя в двери национальной школы дипломатии – Института международных отношений МИД Туркменистана, мы и не могли себе представить, что это место станет для нас вторым домом.

Благодаря постоянному вниманию и заботе уважаемого Президента, Институт международных отношений МИД Туркменистана превращается в один из крупных научно-образовательных, политических центров нашей страны. И для нас большая честь нести гордое звание выпускников высшей школы дипломатии Туркменистана. В стенах института мы получили профессиональные знания и тот ценный опыт, что станет для нас жизненной опорой.

Хочу выразить отдельную благодарность преподавателям и руководству института за их бесконечный труд. Они воспитали в нас не только тягу к знаниям, но и привили любовь к своему делу.

На нас возложена большая ответственность в будущем - с честью и достоинством представлять интересы нашей Отчизны за рубежом и претворять в жизнь внешнеполитические инициативы уважаемого Президента – служить своему Отечеству и отстаивать его интересы.

Также выражаю благодарность и самым близким для нас людям – нашим родителям. Они всегда были рядом, поддерживали нас, дарили свою заботу. Мы благодарны их за ценные советы и мудрые наставления!

***Sahypany taýýarlanlar: Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyplary Mähri HOJAÝEWA, Merjen JUMAGYLYJOWA.***
***Iňlis diline terjime eden: Rahym ŞAMEÝEW.***

## 27-nji iýun – Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni



### Meşhur ýazyjy Çingiz AÝTMATOW:

«Şahyryň ady bilen baglanyşykly täzeden döreýiş Gündogaryň goňşy medeniýetleriniň ösüşine bahasyna ýetip bolmajak derejede täsir etdi…Biziň döwürdeşlerimiziň ýene-de birnäçesi ynsanperwer, filiosof şahyryň ajaýyp setirleriniň üsti bilen özleriniň «kimdigine» düşüner.»

## ÄLEME BELGILIDIR

***Dostlar-a, dostum meniň jandan şirin söýgülidir,***
***Jan kibi pynhan jahanda äleme belgilidir.***

***Baş bile barsam oňa, handan olursa güzeri,***
***Tutsam ol ýerde watan, ol ýer ki onuň ýoludyr.***

***Diýerdi ýar: «Men aşygym öz elimle katl edem»,***
***Andan owwal gam meni paýmal edip almalydyr.***

***Özge aşyklarnyň olsa paýy bent zülp-taryna,***
***Men garybyň bent oňa hem aýagy, hem elidir.***

***Gaýry-le bezm eýleýip, eýlese hoş köňlüni ýar,***
***Mejlis içre ýat edip diý: «Ol garyp gaýgylydyr».***

***Ýaz geler, wagt-da gider, gaflata batmyş gözlerim,***
***Açaýyn diýsem açylmaz, ne agyr uýkulydyr.***

***Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz,***
***Asly gerkez,ýurdy Etrek, ady Magtymgulydyr.***

***Baba SARYÝEW***



## *Basnýa*

*(I.A.Krylowa öýkünme)*

*Jöw-jöw edýär güjüjek,*
*Özem örän kiçijek.*

*Titiräp durky bile,*
*Haýbat atýar ol pile.*

*Pil hiç ýana bakmaýar,*
*Bu güjüge ýakmaýar.*

*Pil oýamy-ukuda,*
*Güjük galdy alada.*

*Üýrüp sesin goýanok,*
*Pil-ä, asla duýanok.*

*Güjük halys ýadady,*
*Özi hem armanlydy.*

*Pil-ä, ony duýmady,*
*Üýrmäwerem diýmedi.*

*…Aslynda pil duýupdy,*
*Paýhasa ýer goýupdy.*

*Bu-da bir – terbiýedi,*
*Bu pilleň edehädi.*



## *Aşgabadyň gijeleri*



*Gözel görkli hem nowjuwan,*
*Aşgabadyň gijeleri.*
*Kändir munda bagty çüwen,*
*Aşyk-magşuk bijeleri.*

*Aýdan aýdyň, Günden ýagty,*
*Söýgüniň joş urýan wagty.*
*Ýaşlygyň beýik daragty,*
*Ak şähermiň gijeleri.*



*Jana ýakymly howasy,*
*Bark urup dur gülleň ysy.*
*Älem gözelligniň şasy*
*Paýtagtymyň gijeleri.*

*Ýagty ýollaň aýlawlary,*
*Ýatladyp dur ak guwlary.*
*Hasyl edýär arzuwlary,*
*Ak bagtymyň gijeleri.*



*Degresinde eziz Watan,*
*Myrat tapar maksat tutan.*
*Göýä bir «Jenneti» mekan,*
*Aşgabadyň gijeleri.*

***Tawus AKJAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***



## Aşgabat

*Ymaratlaň ýalkym saçýar çar ýana,*
*Aziýanyň merjeni sen, Aşgabat.*
*Görküň görenleri goýýar haýrana,*
*Gözel ýurduň geljegi sen, Aşgabat.*

*Niçe ärler ýaşap geçdi goýnuňda,*
*Bilbiller saýraşar ýaşyl bagynda,*
*Adyň bar Ginnesiň ol kitabynda,*
*Arkadagyň yhlasy sen Aşgabat.*

*Gujak açyp garşy alýar myhmany,*
*Ýyl-ýyldan artýandyr gelýänleň sany,*
*Durkuň misli ak mermerleň ummany,*
*Il-ulusyň myrady sen, Aşgabat.*

*Al-ýaşyl öwüsýär owadan baglaň,*
*Ak gara bürenýär ol beýik daglaň,*
*Rowaç tapar saňa ömrüni baglan,*
*Giň jahanyň ykrary sen Aşgabat.*

*Ak mermerli binalar,*
*Sergin howaly baglar,*
*Hoş owazly nagmalar,*
*Sen bir mukam paýtagtym.*

## Watanym

*Ele galam alyp, ýazsam tarypyň,*
*Söz ýetmez waspyňa, eziz Watanym.*
*Bardyr seniň bäş müň ýyllyk taryhyň,*
*Garasam aslyňa, eziz Watanym.*

*Görk goşýar görküňe dumanly daglar,*
*Dermandyr janyňa çeşmeli çaýlar,*
*Gülleýär goýnuňda gunçaly baglar,*
*Baksam ýaz paslyňa, eziz Watanym.*

*Daýhanlaryň bardyr gujur-gaýratly,*
*Zähmet çekip öňe barýarlar batly,*
*Ýaşkiçiň ýaşula sylag-hormatly,*
*Guwanýan nesliňe, eziz Watanym.*

*Edepden-ekramdan ýüklüdir iliň,*
*Ýaň salýar äleme seň milliligiň,*
*Bat bilen öňe git berk guşap biliň,*
*Taý ýokdur destiňe, eziz Watanym.*

## Paýtagtym

*Älem haýran durkuňa,*
*Gözel görkli paýtagtym.*
*Ylham alýan görküňden,*
*Käte gamlanan wagtym.*

*Iň arzyly islegler,*
*Sende hasyl bolýandyr.*
*Goşgy goşýan şahyrlar,*
*Senden ylham alýandyr.*

*Ýagtydyr köçeleriň,*
*Aýdyňdyr gijeleriň,*
*Söz gözläp tijenýärin,*
*Ajap mekan paýtagtym.*

***Rahmannazar JUMAÝEW,***
***Halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby.***



## TÜRKMENISTAN– PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY

Aýdymlar goşulyp saza, göwünler meňzeýär ýaza,
Şatlyk-şowhun mesgeninde ömürlermiz jana-jana,
Waspyn belentden ýetirip şirin söz gelýär zybana,
Eziz diýar, gözel mekan bagtyň gülüp bakany –
At segreden bu ülkeler parahatçylygyň Watany.

Bir-birine gol uzadan iller ýaşaýar bagtyýar,
Ynanyşmak ýoly bilen döwlet binýady berkeýär,
Arkadagyň saýasynda maksatlarmyz ak bagta ýar,
Halkyň köňül-küýseginde arzuw wysal tapany –
Toý mesgeni bu Diýarym parahatçylygyň Watany.

Zähmetsöýer, jebis halky, agzybirlik ýörelge,
Bu babatda milli Lider tutuş dünýä görelde,
Bagtyň özem haýran galar, bu joşguny görende,
Göwün haly:ň her gölüni hyruç bilen dokany –
Arkadagly eziz Watan parahatçylygyň Watany.

## BAŞA TÄÇ GARAŞSYZLYK

Seniň bilen bu Diýarda ýaşarys erkana,
Seniň bilen şäherlerim, obalarym görkana,
Seniň bilen tebigatym lezzet biýr şirin jana,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk.



Seniň bilen döwletimiň ady doldy jahana,
Seniň bilen eýe bolduk synmaz şöhrata-şana,
Seniň bilen täze-täze ýollar açdyk çar ýana,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk.

Seniň bilen güller açýar mermer donly Aşgabat,
Seniň bilen guryarys biz binalary gatma-gat,
Seniň bilen il agzybir, çagalar şat, ýurt abat,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk.

Seniň bilen menzil aşýas Arkadagyma uýup,
Seniň bilen mirasyma belent sarpalar goýup,
Seniň bilen toýlar tutýas şanyň äleme ýaýyp,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk.

***Sona HALYKOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***



ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI INTERNET GAZETI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT INTERNET NEWSPAPER
№ 1, 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabry, penşenbe. Our main goal is to serve the Motherland!
Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan bäri çykýar.
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Baş redaktor *Täçgeldi GUTLYÝEW.*

*Metbugat — internet gazeti Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň gözegçiliginde taýýarlanyldy.*

*Baş redaktoryň orunbasary* ***Jemile PÜRJÄÝEWA.***
*Jogapkär kätip:* ***Bakydurdy GARAÝEW.***
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* ***Aýlar ATAJYKOWA.***
*Metbugat — internet gazetiň sahypalarynda* ***Taňryberdi MYRATLYÝEWIŇ*** *suratlary ulanyldy.*

*Baş korrektor:* ***Mähriban HUDAÝGULYÝEWA.***
*Korrektorlar:* ***Laçyn BERDIMYRADOWA, Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Dünýägözel ÇARYÝEWA.***

